**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2025-nji ýylyň 29-njy iýulyndaky № 47-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

# GOLLANMA

## Forma № 61-ulag "Umumy peýdalanyşdaky ulaglary bilen 1 tonna ýüki daşamagyň tarifleri barada hasabat" (aýlyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça

**Forma № 61-ulag "Umumy peýdalanyşdaky ulaglary bilen 1 tonna ýüki daşamagyň tarifleri barada hasabat" (aýlyk) hasabatlylyk formasyny** Türkmenistanyň Awtomobil ulaglary ministrliginiň, Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrliginiň, Türkmenistanyň Deňiz we derýa ulaglary döwlet gullugynyň, "Türkmenhowaýollary" döwlet gullugynyň we "Türkmengaz" DK-nyň kärhanalary hasabat aýynyň 22-ne: a) ýerleşýän ýerindäki statistika edarasyna; b) özünden ýokarda durýan edarasyna tabşyrmaly.

№ 61-ulag (aýlyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasy 6 bölümden ybarat: 1 bölüm "umumy peýdalanyşdaky awtomobil ulaglary bilen 1 tonna ýüki daşamagyň tarifleri", 2 bölüm "umumy peýdalanyşdaky demir ýol ulaglary bilen 1 tonna ýüki daşamagyň tarifleri", 3 bölüm "umumy peýdalanyşdaky deňiz ulaglary bilen 1 tonna ýüki daşamagyň tarifleri", 4 bölüm "umumy peýdalanyşdaky içerki suw ulaglary bilen 1 tonna ýüki daşamagyň tarifleri", 5 bölüm "umumy peýdalanyşdaky geçiriji turba ulaglary bilen 1 tonna ýüki daşamagyň tarifleri", 6 bölüm "umumy peýdalanyşdaky howa ulaglary bilen 1 tonna ýüki daşamagyň tarifleri". Ýokarda görkezilen döwlet statistik hasabatlylygyň formasy bölümleriniň maglumatlary daşalan ýükler üçin tarifleriň indeksini kesgitlemek üçin başlangyç maglumat binýady bolup durýar.

Daşalan ýükler üçin tarifleri bellige almak hasabat aýynyň 22-sindäki ýagdaýa görä döwlet statistik hasabatlylygyň formasynyň blankasynda amala aşyrylýar.

Tarifleri bellige almak üçin döwlet statistik hasabatlylygyň formasy wekil-hyzmatlaryň bir nusga getirilen beýanyny özünde jemleýär.

Gözegçilik üçin saýlanyp alnan her bir anyk hyzmatyň aýratynlyklary formalaryň degişli sütünlerinde onuň häsiýetnamalarynda görkezilýär.

Hasabat aýynda hereket eden ýük daşamak üçin töleg resminamalarynda tarifler baradaky maglumatlar formany doldurmak üçin esas bolup hyzmat edýär. Eger bellige alnan pursadynda ýük daşamak amala aşyrylmadyk bolsa, onda formada olar boýunça hasabat aýynyň dowamynda bellige alnan gününe golaý günde ýük daşamak boýunça amala aşyrylýan ýa-da amala aşyryljak işleriň tarifleri görkezilýär.

Daşalan ýükler üçin goşulan gymmata salgydy we beýleki salgytlary goşmazdan, hakyky hereket edýän tarifler bellige almaga degişli.

Bellige alnan tarifleriň möçberine goşmaça harajatlar goşulmaly däl. Meselem, ýükleri ugratmagyň şertleriniň üýtgemegi bilen şertlendirilen harajatlar, goşmaça amallar üçin (ölçemek, saklamak, ekspedisiýa çykdajylary, täzeden ýüklemek) ýygymlar hasaba alynmaly däl.

**Söwdanyň, ulagyň we aragatnaşygyň statistikasy müdirligi**